# Sözlük

**ABYP AÝY** – Abyp aýy ýewreý kalendarynyň birinji aýydy. Ol Nowruz aýyndan Çurban-Soltan aýyna çenli bolan aralygy öz içine aldy. Bu aýyň beýleki ady Nisandyr.

**BUTHANANYŇ JELEP ERKEKLERI ÝA AÝALLARY** – bular butlara sežde edilýän ýerlerde gazanç üçin azgynçylyk eden aýallardy, käte erkeklerdi. Olar hasyl kulty bilen meşgullandylar. Muny butparaz dininiň bir bölegi saýdylar.

**BÜTINLEÝ ÝOK ETMEK** – ýok etmek arkaly bir ýeri we onuň ilatyny Rebbe bagyş etmek. Bu işlik «ilaty doly gyrmak» diýmegi-de aňladýar.

**EFOT** – bu söz baş ruhanynyň ýeňsiz eşigini suratlandyrmak üçin ulanylýar.

**ÄHT SANDYGY** – altyna gaplanan agaç sandyk. Ýüzüne On tabşyryk ýazylan iki daş bölegi şol sandykda onuň içinde saklandy.

**FYROWN** – müsür patyşasy.

**GALLA SADAKASY** – Musanyň döwründe bu sadaka çig, gowrulan ýa-da üwelen gallady. Ol ýag we ýakymly ysly tütetgi bilen garylyp bişirilýärdi.

**GAMYŞ DEŇZI** – Gamyş deňzi ýa-da «Gyzyl deňiz». «Çykyş» kitabynyň kartasyna seret.

**GAN** – Töwratda gan gaty möhüm zat saýylýar. Gan diňe Hudaýa degişli bolan durmuş gaby hasaplanyldy. Kimdir biri öldürilse, toprak murdar boldy. Gurbanlyklar hödürlenende, gan adamlary we gurbanlyk sypalaryny mukaddes etmek üçin ulanyldy.

**GURBANLYK** – ýewreý halky dürli wagtlarda aýry-aýry maksatlar bilen her hili gurbanlyklary hödür etdiler. Olaryň käsi ýylda bir gezek, köpüsi gündelik ýa haçan-da bir kes mukaddes çadyry murdar edip, günä galanda hödürlenildi. Gurbanlyklar «Çykyş» we «Lewiler» kitaplarynda takyk beýan edilýär. Gurbanlyklaryň käbiri gurbanlyk

© Mukaddes Kitap Terjime Instituty

sypasynyň üstünde ýakyldy. Beýleki gurbanlyklarda ruhanylar etiň käbir bölegini iýip, galanyny ýakyp tüssä öwürdiler. Ýakma gurbanlyga, salamatlyk gurbanlygyna we sadakalara göz aýlaň.

**GURBANLYK SYPASY** – üstünde Hudaýa sadakalar we gurbanlyklar hödürlenýän toprakdan, daşdan, agaçdan ýa-da bürünçden gurlupdyrşy. Gurbanlyk sypasynyň golaýynda malyň damagy çalnyp, gany legene akdyryldy we gurbanlyk sypasyna sepildi. Malyň läşi we käbir bölekleri gurbanlyk sypasynda ýakyldy.

**GYZYL KERWEN** – hasyl baýramynyň başy. Ysraýyllar Magtymguly aýynyň ahyrynda ilkinji bugdaý hasyly ýygnalanda, hasyl möwsüminiň başyny belläp geçdiler. Bu Pesah baýramyndan elli gün soň boldy.

**HASYL TOÝY** – hasyl baýramynyň soňy. Ysraýyllar güýzde üzümleri we beýleki ir-iýmişlerini ýygnap gutaranlarynda, hasyl möwsüminiň soňuny bellediler. Şu baýramçylyk wagtynda olar çölde çadyrlarda ýaşan ata-babalarynyň hatyrasyna çatmalarda ýaşadylar.

**IÇGI SADAKASY** – bu suwuk görnüşli sadaka; şerap ýa-da ýag. Bular gurbanlyk sypasynyň üstüne dökülip, Hudaýa hödür edildi.

**KANUN KITABY** – «Kanun kitaby» ençeme düzgünlerdir kanunlardan ybarat bolan «Kanun taglymatlarynyň» aýratyn bir bölümi ýa-da Töwradyň başky tutuş bäş kitabydyr.

**KERAMATLY AŞERA AGAJY** – Aşera kenganlaryň sežde eden önelge aýal hudaýynyň adydyr. Aşera sežde etmek üçin halkyň ýygnanan ýerinde, onyň şekili oýulan agaçlar dikildi. Tutuş Gadymy Ýakyn Gündogarda keramatly Aşera agajyna sežde edildi. Käbir rowaýatlarda Aşera Eliň, ýagny hudaýyň aýalydy we «hudaýlaryň enesidi». Aşera Kengan şäherleri bolan Sorda we Sidonda esasy aýal hudaý saýylypdy.

**KERUP** – perişdeleriň bir görnüşi; Hudaýa hyzmat edýän perişdeler; ganatly mahluklar.

**LEWILI ADAMLAR** – Lewiler Ýakubyň ogly Lewiniň nesilleridir. Musanyň döwründe Hudaý lewi tiresinden bolan Harunyň nesillerini ruhanylyga saýlady; beýleki lewileriň ählisini mukaddes öýde hyzmat edip, ruhanylara kömekleşmäge belledi. Lewi tiresi üç uruga bölündi: Gerşonyň, Kohadyň we Merarynyň nesilleri.

**MESH ETMEK** – kimdir biri mesh edilende, patyşalyk ýa-da ruhanylyk etmek ýaly aýratyn hyzmata saýlanandygyny aňladýar. Aýry goýlandygyny görkezip, onuň depesinden ýag guýuldy. Mukaddes etmek üçin gurbanlyk sypalary hem mesh edildi.

© Mukaddes Kitap Terjime Instituty

**MUKADDES** – Töwratda «mukaddes» adaty maksatlar däl-de, Hudaýyň maksatlary üçin aýry goýlan diýmegi aňladýar. Bu adamlar ýa-da mukaddes çadyr ýaly zatlara degişlidir. Adaty adamlar we zatlar mukaddes edilip, Hudaýyň hyzmatyna niýetlenipdir. Olar Hudaýyň hyzmatyndak bolan wagtynda mukaddes bolup, haram zatlara galtaşmaly däldirler. Özlerini murdar etseler, Hudaýa hyzmat etmezlerinden öň ýene tämiz bolmalydyrlar.

**MUKADDES ÇADYR** – Mukaddes çadyr äht sandygyny, gurbanlyk sypasyny we ybadat üçin beýleki enjamlary ýerleşdirmek üçin gurlan çadyrdyr. Onuň töweregi haýat bilen gurşalyp, daşyna haýat aýlanandy. Tutuş gurluşa mukaddes çadyr diýildi. 381-nji sahypadaky 2-nji surata seret. Ysraýyllar Hudaýyň şu çadyrda özüne mahsus şekilde bolandygyna ynandylar, ýagny Ol Ysraýyl jemagatynyň arasynda bilen galdy. Süleýmanyň döwründe günlerinde Mukaddes çadyr hemişelik Iýerusalymda ornaşdyrylanda, göçme mukaddes çadyryň ornuna ýeri daşdan we agaçdan salnan ybadathana guruldy bilen çalşyldy.

**MUKADDES ÖÝ** – daş-töweregi haýatly howly bilen gurşalan uly çadyrdan ybarat bolan ybadat öýi. Howluda gurbanlyk sypasy, bürünç legen, Mukaddes çadyr, ýagny Rebbe ýüz tutulýan çadyr durardy. Çadyryň içinde iki sany otag bardy: mukaddes otag we iň mukaddes otag. Mukaddes otagda üstünde Rebbe hödür çöregi goýlan hantagta, sadakalar hödürlemek üçin enjamlar, ýakymly ysly tütetgi sypasy we şemdan durdy. Bu otag Hudaýa gündelik ybadat üçin niýetlenendi. Iň mukaddes otagda äht sandygy durdy. Ysraýyllara howla girmäge ygtyýar berildi. Ruhanylara mukaddes otaga girmäge rugsat edildi, ýöne iň mukaddes otaga diňe baş ruhany girip bilýärdi. Baş ruhany dini adata görä, ýylda bir gezek tutuş halky günäden saplamak üçin, mukaddes otaga girýärdi. 381-nji sahypadaky surata seret.

**NAZYR** – nazyr mukaddeslik derejesini alan hem-de saç-sakgalyny syrmaýan saçyny ösdürip, şerap hem güýçli içgileri içmekden saklanyp, özüni Rebbe bagyş etmegi wada beren adam. Bir gudrat sebäpli ýa-da enesiniň wadasy arkaly adam nazyr bolýar. Soňy bilen şeýle adam özüni Hudaýa bagyş etmek wadasy arkaly bilen aýratyn derejä eýe boldy.

**NEFILLER** – nefiller Hudaý ogullaryndan gelip çykandyr (Gelip çykyş 6-njy bap, 1-4-nji aýatlar). Gelip çykyşda Hudaý ogullarynyň iki sany esasy düşündirişi bar. Olar rehimsizlik bilen hööküm süren ýerli baştutanlar ya-da ruhy barlyklar (belki, gökden ýere taşlanan perişdeler

© Mukaddes Kitap Terjime Instituty

bolan). Kim bolsalar-da, olaryň adamzat gyzlaryna öýlenip, ummasyz iri perzentleri öndürendigini biz bilýäris. Olara «nefiller» diýildi. Ysraýyllar Kengan ýurduny synlamaga gidenlerinde, nefilleri – anaklary gördüler (Çölde 13-nji bap, 33-nji aýat). Anaklar nefilleriň nesilleridir.

**ÖLÜLER DÜNÝÄSI** – ölüler dünýäsi ýeriň aşagynda diýip düşünildi, emma ol dowzah däldir. Her kes ölenden soň, şu ýere indi. Gojalyk ýaşyna ýetip öleniňden soň, ata-babalaryňa gowuşmak oňatdy, ýöne ýaş ölmek gowy däldi. Ýakup öz ogly Ýusup üçin ýas tutsa-da tutup, ölüler dünýäsine inmek islemedi.

**PESAH BAÝRAMY** – Nisan aýynyň (Çurbansoltan aýynyň başy) on dördünde ysraýyllar Hudaýyň özlerini Müsür gulçulygyndan azat edişini ýatlama güni hökmünde belläp geçdiler. Şol gün Hudaý Müsüriň nowbahar ogullaryny öldürtmek üçin, Müsürre ölüm perişdesini ýollady. Perişde ysraýyllaryň öýüniň üstünden geçip gitdi, çünki olar bir janly gurbanlyk berip, ganyny öz gapysynyň söýesine çalypdylar.

**REBBE ÝÜZ TUTULÝAN ÇADYR** – bu ýer Musanyň Hudaý bilen duşuşan ýeridi. Ol Hudaýyň huzurynda, bolandan soň, nurana ýüzli şekilde daşara çykdy.

**SABAT GÜNI** – bu anna güni gün ýaşandan ruh güni gün ýaşýança. Ol ýewreýlerde hepdäniň ahyrky güni saýylýar. Bu mukaddes gün saýylyp, hiç bir iş edilmedi. Şol gün ysraýyllar Hudaýa ybadat etdiler we dynç aldylar.

**SADAKA** – Töwrat terjimesinde sadaka bilen gurbanlygyň arasyndaky tapawut şudur: sadakada mal soýulman, eýsem Hudaýa (hiç haçan adama däl) galla, şerap we ş. m. hödürlenýär. Bular gurbanlyk sypasynda hödürlenildi. Sadaka gowy zat üçin minnetdarlyk hökmünde berildi, mysal üçin, oňat hasyl we ş. m. «Gurbanlyk» sözüne seret!

**SALAMATLYK GURBANLYGY** – bu gurbanlyk Hudaý bilen dogry gatnaşyk saklamak üçin berildi. Mal öldürilenden soň, onuň bir bölegi gurbanlyk sypasynda ýakylyp, galan bölegini bolsa gurbanlyk berýän adam, we ruhanylar bişirip iýdiler.

**SINAÝ** – bir çölüň we Müsüriň gündogaryndaky dagyň ady. Şu dagda Reb ysraýyllara Özüni aýan edip, olar bilen äht edişdi we olara Öz kanunyny berdi. Bu dagyň beýleki ady Horepdir.

**SUW HOWDANY** – suw howdany gaýalardan oýulyp ýasalypdy. Olarda agyz suwy saklandy. Howdanlaryň üstünde gapagy bolup, ol ýapylýardy.

© Mukaddes Kitap Terjime Instituty

**SÜNNET** – Ysraýylda Hudaýyň kanunlaryna we taglymatyna tabyn boljakdygy barada, adamyň Hudaý bilen baglaşan mukaddes ähtiniň subutnamasy.

**SYPA** – seret: Gurbanlyk sypasy.

**ULY DAŞ** – ol adamlaryň dikeldip goýup, sežde eden uly daşlarydy. Olar keramatly hasaplandylar.

**URYM WE TUMMYM** – Urym we Tummym Töwratda takyk suratlandyrylmaýar. Olar baş ruhanynyň höküm gursakçasynda goýuldy. Urym we Tummym Hudaýyň islegini bilmekde ulanyldy. Olaryň biri «hawa», beýlekisi «ýok» diýmegi aňladan gurra bolan bolmaklary ähtimal.

**YSRAÝYL DÜŞELGESI** – bu on iki tiräniň ählisiniň bile bir ýerde düşlän çadyr şäheridi.

**ÝAKMA GURBANLYGY** – bu aýratyn gurbanlyk bolup, mal soýlandan soň, onuň ähli bölekleri gurbanlyk sypasynda bütinleý ýakyldy. Beýleki gurbanlyklarda kä bölekler ýakylyp, beýlekileri iýildi.

© Mukaddes Kitap Terjime Instituty